# BINAGÄRLIK

## GURLUŞYKDA DÖREDILEN SUNGATDYR





PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY 2024

TÜRKMEN DÖWLET BINAGÄRLIK-GURLUŞYK INSTITUTY

BINAGÄRLIK GURLUŞYKDA DÖREDILEN SUNGATDYR

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMEN DÖWLET BINAGÄRLIK-GURLUŞYK INSTITUTY

# BINAGÄRLIK GURLUŞYKDA DÖREDILEN SUNGATDYR

*Ylmy makalalar ýygyndysy*

*Gündogaryň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň
300 ýyllygyna hem-de Ylymlar gününe bagyşlanýar*

# ARCHITECTURE MAN-MADE ART IN CONSTRUCTION

*Collection of scientific articles*

*Dedicated to the 300th anniversary of the birth of the great
poet and thinker of the East Magtymguly Fragi and on Science Day*

# АРХИТЕКТУРА РУКОТВОРНОЕ ИСКУССТВО В СТРОИТЕЛЬСТВЕ

*Сборник научных статей*

*Посвящается 300-летию со дня рождения великого
поэта и мыслителя Востока Махтумкули Фраги и ко Дню науки*

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2024

Geçirilen barlaglaryň esasynda iki sany paýlaýjy şit boýunça gurnama kuwwatynda deňeşdirme geçirildi we hasaplamalaryň netijesi, aşakda görkezilen 2-nji tablisada beýan edilýär:

*2-nji tablisa*

**Iki sany paýlaýjy şit boýunça gurnama kuwwatynda deňeşdirmeleriň netijeleri**

| Paýlaýjy şit №1 gurnama kiwwaty | Paýlaýjy şit №2 gurnama kiwwaty | Sagat | Gün |
|---|---|---|---|
| 22x210=4620 Wt | 22x250+210=5710 Wt | 10.5 | 5 |
| | | 10 | 12 |
| | | 9,75 | 3 |
| | | 9,5 | 9 |
| | | 9,3 | 1 |
| Jemi: | | 49,05 | 30 |

$W_1$ = 1469,97 kWt·sagat;
$W_2$ = 1627,872 kWt·sagat;
ΔW = 1627,872 – 1469,97 = 157,9 kWt·sagat.
Alnan netijeler:
– sarp edilýän elektrik energiýanyň tygşytlanmagy;
– yşyklandyryjylaryň işlemeli möhletiniň ýokarlanmagy;
– sarp edilýän tehniki hyzmatlaryň az bolmagy.

## EDEBIÝAT


1. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy, – Aşgabat, 2022.
2. «Energiýany tygşytlamagyň 2018–2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy». –Aşgabat, 2018.
3. *Aşyrbaýew M., Geldiýew H., Ataýew P.* Energiýany tygşytlamagyň esaslary –A.: Ylym, 2018.
4. *Jumaýew A., Soltanow H.* Energiýany tygşytlamagyň esaslary – A.: Ylym, 2018.


# «ÄNEW – MÜŇÝYLLYKLARDAN GÖZBAŞ ALÝAN MEDENIÝET»: TARYHA DAÝANYP, TÄZE GÖZÝETIMLERI AÇÝAN KÄMIL ESER


**J.M. Halmuradowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty (Türkmenistan)*



Makala Hormatly Prezidentimiziň kitabyndaky taryhy, arheoligik maglumatlara daýanyp, türkmen halkynyň umumyadamzat taryhyndaky, medeniýetindäki orny barada täzeçe pikirler, garaýyşlar beýan edilýär.


Türkmenistan – şöhratly taryhy, adamzat siwilizasiýasynyň ösmegine goşant goşan baý medeni mirasy bilen dünýä ýaň salan döwlet. Gadymy Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýen ady buýsanç bilen göterýän ýylda hormatly Prezidentimiziň «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly ýiti paýhasyndan dörän, gadymyýeti dabaralandyrýan kitabynyň çapdan çykmagy şu gün we geljek üçin taryhy-medeni mirasymyzy, medeni-ruhy gymmatlyklarymyzy, taryhy mekanyň täze galkynyşlaryny öwrenmekde, dünýä ýaýmakda bahasyna ýetp bolmajak kämil eser hökmünde türkmen halkynyň taryhyna girdi. Bu kitap hormatly Prezidentimiziň bu sebitde zähmet ýolunyň dowamynda toplan tejribesi baradaky ýatlamalarynyň,

şeýle hem, welaýatyň taryhy, medeniýeti bilen içgin gyzyklanyp, taryhy ýazuw-ýadygärliklerine syýahat edip, dünýä belli taryhy, mirasy öwreniji alymlar bilen bilelikde alyp baran işleriniň, açyşlarynyň çeper beýany. Hormatly Prezidentimiz kitabynda: «Akyl-paýhasymyzy, güýçlerimizi we mümkinçiliklerimizi döwlet ähmiýetli beýik maksada gönükdirmek, bilelikde hereket etmek, geljegi bilelikde gurmak – bagtyýarlygymyzyň maýasy, her birimiziň durmuşymyzyň manysy» [1. 13 s.] diýip belleýär. Hormatly Prezidentimiziň bu kitabyny ýazmagynyň baş maksady, türkmen we daşary ýurtly okyjylaryna ýurdumyzda alnyp barylýan il-halk bähbitli işleriň geriminiň giňligi, tagallaryň beýikligi bilen tanyşdyrmakdan, şeýle hem olary beýik döwletimiziň bagtyýar hem-de ajaýyp geljegi üçin belent işlere ruhlandyrmakdan ybaratdyr [1. 13 s.].

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň aprel aýynda kabul edilen Karary bilen tassyklanan «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatanamasyna» laýyklykda, Diýarymyzyň dürli sebitlerinde arheologik ýadygärlikler ylmy-barlag, rejeleýiş işleri amala aşyrylýar, halkymyzyň gadymy maddy medeniýeti barada örän köp ylmy maglumatlar toplanylýar. Hormatly Prezidentimiziň bu kitabynda:» Änew medeniýetiniň nagyşly bezegleriniň naýbaşy tapgyry bolsa orta asyrlar bilen, has-da Merkezi Aziýanyň çäginde biri-birini çalşyp gülläp ösen Garahanlylaryň, Gaznawylaryň, Seljuklaryň we beýleki türki döwletleriň döwri bilen baglydyr. Hünärmenleriň belleýşi ýaly, şol döwrüň binagärliginiň esasy tapawutly tarapy, ajaýyp binagärlik bezegleriniň öň görülmedik gülläp ösüşidir» [1. 67 s.] diýmek bilen, Türkmenistanyň dünýä medeniýetine ýetiren täsirini ylmy taýdan subut edýär. «Günorta Türkmenistanyň çäginde eneolit zamanynda giňden ýaýran Änew medeniýetiniň bezeg nagyşlarynyň görnüşleri müňýyllyklaryň dowamynda nesillerden-nesillere geçirilip, Merkezi Aziýanyň türki halklarynyň orta asyr binagärlik medeniýetinde kemala gelen binagärlik bezeglerine ornaşdyrylypdyr. Olar XI–XII asyrlarda nusgawy türkmen-seljuk binagärliginde ösüşiň has-da naýbaşy derejesine ýetirilipdir. Muňa Soltan Sanjaryň, Muhammet ibn Zeýdiň, Hudaýnazar öwlüýä kümmetleriniň, Talhatanbaba metjidiniň we beýleki binagärlik ýadygärlikleriniň diwarlarynyň ýüzünde saklanyp galan kerpiçlerden örülip çykarylan ajaýyp nagyşlar subutnama bolup hyzmat edip biler» [1. 72 s.] diýen ylmy subutnamalary Merkezi Aziýanyň ýüregi bolan Türkmenistanyň dünýä siwilizasiýasyna ýetiren täsirini ozal edilen açyşlaryň üstüni täze ylmy subutnamalar bilen ýetirdi. Häzirki Änewiň çäklerinde, takmynan, 1446–1457-nji ýyllarda gurlan «Gözellik öýi» atly ajaýyp metjit – Seýit Jemaletdin toplumy dünýäniň ylmy jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döredýär. Onuň gurluşygynda ulanylan bişirilen nagyşly kerpiç, takyk geometrik şekiller, dürli reňkli köp öwüşginli keramiki bezegler Merkezi Aziýanyň baý binagärlik-ýadygärlikler toplumlarynyň içinde diňe Änewde duş gelýändigi baradaky maglumatlar bu kitabyň ylmy gymmatyny has-da artdyrýar. Amerikan alymy, Frederik Starr Merkezi Aziýa hakynda «Ýitirilen magaryf: arap basybalyjylaryndan Teýmirleňe çenli Merkezi Aziýanyň altyn asyry» atly kitabynda Merkezi Aziýa ýurtlaryna girýän döwletleriň «Merkezi Aziýa» diýlip atlandyrylmagynyň ýöne ýerden däldigini, orta asyrlarda Merkezi Aziýanyň dünýäniň aň-bilim ojagynyň hasaplanandygyny, dünýäniň intellektual merkeziniň bolandygy baradaky pikirlerini ylmy esasda tekrarlaýar [3]. Şunuň bilen baglanyşykly gadymy Änew topragynda täze metjidiň açylyp, oňa hem Milli liderimiziň başlangyjy bilen, «Seýit Jemaletdin metjidi» diýip at goýulmagy, geçmişimize hormaty, taryhy kökler bilen şu günüň ruhunyň birligini alamatlandyrdy.

Mälim bolşy ýaly, islendik arheologik ýadygärligiň, gadymy binagärligiň her bir nusgasynyň aňyrsynda irki adamzat medeniýetini esaslandyran halkymyzyň geçmiş taryhy ýatyr. Bu ýadygärlikler döwletleriň döreýşi, olaryň ýaşaýjylary, halkyň döreden medeni-ruhy gymmatlyklary barada köp zatlary habar berýär. Bu milli gymmatlyklar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň

Galkynyşy döwründe ruhy we medeni galkynyşy başdan geçirýän halkymyzyň synmaz erkiniň, jebisliginiň, watansöýüjiliginiň aýdyň nyşany bolup durýar. Änew medeniýetiniň täze taryhy döwürde täzeden galkynmagy köp müňýyllyk şöhratly geçmişimize, milli mirasymyza, däp-dessurlarymyza uly sarpa goýulýanlygyndan nyşandyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, taryh bir aýlanyp duran çarhypelek mysaly. Onuň tigri halklaryň ykballaryna nuram ýagdyrypdy, garam. Müňýyllyklar dünýädäki iň gadymy halklaryň biri bolan türkmenlere beýik şöhrat-şany, eşretli ýaşaýşy, bagtyýarlygy – sowulmaz nury bagyş etdi [2, 4 s.]. Hawa, gadymy Änew irki eýýamlardan bäri adamzat ýaşaýşynyň, esasanam, ekerançylyk, daýhançylyk medeniýetiniň ilkinji dörän ýeri, ak bugdaýyň mekany bolup, Merkezi Aziýanyň iň gadymy ekerançylarynyň oturymly ýerleriniň peýda bolan bereketli topragydyr. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ilkidurmuş ýaşaýyş gurluşyndan ekerançylyga geçilmegi adamzadyň medeni durmuşa geçip başlandygy bilen häsiýetlendirilýär. Ol bilimiň ösmegine güýçli itergi bermek bilen, geljekde ösen medeniýetleriň we olaryň binýadynda siwilizasiýalaryň döremegine getirdi [1. 54 s.]. Kitaby okamak bilen türkmen taryhynyň çuňluklaryna aralaşyp, diňe bir Änew, Nusaý galasy däl, Yzgant, Paryzdepe, Abywert ýaly taryhyň altyn gatlaryna giren ýadygärlikleri, behişdi ahalteke bedewleri, dünýä ýaň salan türkmen halylary barada dürli döwürleriň maglumatlaryny, akyl-paýhas eleginde seljerip, bir ulgama salyp, täze pikirleri, dünýägaraýşy bilen paýlaşýar. Bu kitabyň rus, iňlis dillerine hem terjime edilmegi diňe bir türkmen okyjylaryny däl, eýsem dünýä halklaryny hem türkmen halkynyň şöhratly taryhynyň täze sahypalary bilen tanyşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitaby, türkmen halkynyň taryhy ýoluna dogry baha bermäge, milli medeniýetimiziň özboluşlylygy, döreden däp-dessurlary we durmuş ulgamy bilen tanyşmaga, gadymy türkmen halkynyň dünýäniň ylmy we medeni ösüşine goşan goşandyna has aýdyňlygy bilen göz ýetirmäge uly mümkinçilik döredýär.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
2. *Serdar Berdimuhamedow*. Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet. – A.: TDNG, 2024.
3. «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatanamasy». – A.: TDNG, 2022.
4. Старр Ф. Утраченное Просвещение: Золотой век Центральной Азии – от арабского завоевания до времен Тамерлана. – «Альпина Диджитал», 2013.


# ECONOMIC JUSTIFICATION FOR THE IMPLEMENTATION OF INNOVATIONS AND MODERN TECHNOLOGIES IN ARCHITECTURE: A FOCUS ON TURKMENISTAN


**Y. Nurgeldiyeva, O. Aliyeva**
*International university for the humanities and development*
*(Turkmenistan)*


Turkmenistan, a nation is rich in natural resources and cultural heritage, is poised for significant economic growth and development. As the country embarks on ambitious infrastructure projects and urban renewal initiatives, embracing innovations and modern technologies in ar-